OZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYN YOKARY WE YORITE ORTA BILIM MINISTRLIGI

BERDAK ADYNDAKY GARAGALPAK DOWLET UNIWERSITETI

GARAGALPAK FILOLOGIYaSY FAKUL`TETI

TURKI FILOLOGIYaSY KAFEDRASY

4-kurs talyby Amanow Babamuradyň «**Lirikada şahsyet problemasy**» mowzugyndaky

# REFERAT IŞI

**NOKUS- 2014**

## Mowzuk. Lirikada şahsyet problemasy

Meyilnama

Giriş

1.Şahyrana şahsyet we edebi hadysa.

2.Lirikada şahsyet meselesi.

Netije.

Peýdalanylan edebiýatlaryň sanawy.

## Giriş

Türki halklarynyň edebiýaty şol sanda türkmen edebiýaty realizm metody esasynda kemala gelen iň belent ideýaly, sap internatsional ruhly, çeperçilik babatda dünýä edebiýatyna nusga bolarlykly edebiýatdyr. Durgunlyk ýyllary içinde onuň gecen yoly biziň jemgyetimiziň ösüş protsesini çuň yzarlaýan ölmez-yitmez obrazlara örän baýdyr. Çünki munuň özi durmuşdan, tejribeden alnan obrazlar bolupdy. Edebiýaty öwreniş ylmynyň öňünde durýan şu günki teoretiki problemalaryň biri-de şu möhüm hadysalaryň realistik beýan edilişini derňemekden ybaratdyr. Biziň ob`ekt edinen lirikada şahsyet problemasy meselämiz hem realizmiň adam we kollektiw, şahsyet we jemgyet, ynsançylykly çeper kontseptsiýa ýaly meseleler bilen berk baglanyşyklydyr. Munuň çylşyrymly we gyzykly taraplary bar.

Eýsem, ösüşiň dürli basgançaklaryny geçen türkmen edebiýatynyň tejribesi şahsyetiň çeper obrazynyň döredilişinde nämeleri görkezýär? Şahsyetiň taryhy-filosofik nukdaýnazardan düşündirilişini hasaba almak bilen birlikde, onuň cepercilikli çözgüdindäki özboluşlylygyny açmakda edebiýatyň roluny anyklaşdyrmak iňňän zerur. Şu jähtden türkmen edebiýaty şahsyet problemasynyň möhümligine nähili düşündi we obrazlar sistemasynda oňa nähili orun berdi?

Bu sowallary çözmek üçin halkyň taryhyna we durmuşyna ýüzlenmek gerek. Türkmen halkynyň durgunlyk ýyllaryndan öňki taryhyna ser salsak, jemgyetçilik aňynyň ösüşine ýiti täsir eden wakalaryň örän kän bolandygyna akyl etireris. Meselem, beýik Pyragynyň özi we onuň parasatly poeziýasy jemgyetcilik aňyna täsir eden bolsa, Seýdiniň, Keminäniň, Zeliliniň döredijiligi türkmen halkynyň azatlyk, erkinlik ugrundaky arzuwlaryny özboluşly suratlandyrdy.

Elbetde, her bir zadyň, her bir hadysanyň öz taryhy köki bolýar. Türkmen halkynyň taryhynda şeýle pursatlar bolmadyk bolsa, onda klassyklar beyle **yagynly poeziyany**, beyle **lowlayan liriki gahrymany** doredip bilmezdiler.

Obrazyň çeperçilik taýdan ýokary hilli hem ynandyryjy çykmagy üçin birinji nobatda ýazyjynyň şol obrazyň hereket edýän sredasyny, döwrüni ymykly

owrenmegi, jemgyetcilik konfliktini dogry kesgitlemegi we ony durs cozmegi zerur. Şunda ýazyjy öz eserinde hereket edýän ähli obrazlary deň planda işlemegi göz öňünde tutman, tutuş eserde diyiljek bolyan pikiri, ideyany ozunde jemleyan, umumylaşdyrýan haýsydyr bir obraza aýratyn üns berýär.Ýöne welin şol obraz beýleki indiwidler bilen aýrylmaz baglanyşykly hereket etmelidir.

Magtymgulynyň poeziýasynda ýaşaýan, oýlanýan, hereket edýän gahrymany göz öňüne getirip görüň! Ol asla hususy maksatlardan ugur almaýar. Tersine, ol il-halky ucin jandan gecmage tayyar, hyjuwly gahryman:

Goz, gowun, til, akyl- galdy bu dordi,
Zan Watan arzuwlap turdy el bile.[1]

Şahsyetiň lirikadaky suratlandyrylyşy bilen prozadaky beýan edilişi printsipial tapawutlydyr. Onuň lirikadaky obrazy juda çylşyrymly, inçe hem birnäçe çeperçilik kontseptsiýalary bilen bagly halatlarda ýaşaýar. Aýdaly Magtymgulynyň hemme eserlerinden geçýän bütewi şahyrana kontseptsiýanyň jeminden tutuş ynsan obrazy kemala gelýär. Onuň maksady türkmen tire-taýpalaryny birleşdirmek. Ýöne onuň «syryny» açmak üçin bu eterlik däl. Onsoňam şu mesele beýleki klassyklarda-da orta atylypdyr. Emma obraz dörediş tärlerinde tapawut bar.

Eger türkmen poeziýasynda şahsyetiň obrazy hakda söz açylsa, ol hökman aydylmaly zat, munda-da ähli şahyrlaryň eserlerini uçdantutma alyp bolmaýar. Bu erde-de belli-belli etaplary kemala getiren talantlaryň bijebaşy eserleri düýpli derňelmelidir. Bu hili ýagdaýda dürli-dürli ruhy pursatlar, olaryň gahrymanyň sözünde, hereketinde açylyşy, şol açylyş protsesine gatnaşdyrylýan hadysalar, detallar analizlenýär. Diňe öz **indiwiduallygy** juda güýçli şahyrlar **özbaşdak cepercilik sistemasyny** kemala getirýärler. Olar tutuş edebiýatda progreslik roluny oynayandyklaryny ozleri-de duýmaýar. Şeýle şahyrlaryň eserlerinde şahsyet derejesine göterilýän liriki gahrymanlar bolýar we olar hemişe öz çeperçilik güýjüni saklaýar. Biz munuň mysalyny klassyky we häzirki zaman türkmen poeziýasynda görýäris. Biz muny işiň dowamynda seljerip göreris.

---

[1] Magtymguly. Saýlanan eserler. Aşgabat, 1977 ýyl 570 sah.

Çeper edebiýatda şahsyet kontseptsiýasy realizm metodynyň häzirki zaman ösüşi bilen hem gös-göni baglanyşyklydyr. Ol edebi eserleriň strukturasyna hem ýiti täsir edip biler. Lirikada gahrymanyň duýgusy ol ýa-da beyleki bendi kesip taşlanyňda-da üýtgemeýän bolsa, onda ol eseriň strukturasy entek kämil däldir. Ýa-da, tersine, gahrymanyň duýgusyny  yzarlap barýan okyjy birdenkä taşlanan bentlerden soň, onuň ugruny tapman säginse, diýmek, şol eseriň strukturasy-da kämildir, ol gahrymanyň duýgusyna täsir edendir.

Şahsyet problemasy türkmen edebiýatynda giç öwrenilip başlandy. Şonuň üçin munuň gutarnykly ýa-da haysydyr bir dereja etirilen cozgudini tapmak kyn. Elbetde, dünýä edebiýatynda şahsyet kontseptsiýasy dogrusynda belli derejede taryhy-filologik planda ýazylan işler ýok däl.

Ýöne mesele türkmen edebiýatynyň çäginde welin, tarplygyna galdy. Şahsyeti filosofik kategoriýa hökmünde derňeýän işleriň köplügi hakynda gürrüň ýok. Bu işlerde kollektiw we şahsyet, şahsyet we zähmet, şahsyet we jemgyet ýaly meseleler seljerildi we şeýle derňewler üstünlikli dowam edýär.Çeper edebiýat adamyň ruhy dünýäsi, hereketi, onuň sreda bilen  gatnaşygy, işi, oý-pikiri dogrusynda obrazlar sistemasy arkaly pikir ýöredýänligi üçin filosofiýanyň aýratynlykda işleýän hemme kategoriyalaryny jemleyan **butewi obraz** döretmeli. Meseläniň kynlygy hem şonda. Şeýle bolansoň bu problema çeper edebiýatda onçakly köp mukdarda özleşdirilmedi we soňky on-onbäş ýyllykda ahlak, gumanizm meseleleriniň ýitilik bilen orta atylmagy netijesinde aktiw hasiete gecdi.

Şahsyetiň çeper kontseptsiýasy, aýratyn-da onda halkyň ruhunyň, häsietiniň jemlenyan yagdaylary pugta öwrenilmegini talap edýär. Şonuň üçin işe «Şahsyetde halk häsietiniň jemlenilişi»  atly bölüm girizildi. Munda şu hadysany açmaklyga synanyşyk edilýär we birnäçe pursatlaryň üstünde durup geçilýär.

Çeper edebiýat gahrymanlaryň hereketleriniň, duýgularynyň, gatnaşyklarynyň üsti bilen has uly zady- Döwrüň obrazyny çekýär. Berdi Kerbabaewiň «Aýgytly ädim», Hydyr Derýaewiň «Ykbal» romanlarynda burjuaz şahsyetiniň kül-owram bolușy berilse, K.Gurbannepesowyň «Taýmaz baba»,

G.Ezizowyň «250 000 000», poemalaryna ýiti üns berilse, olarda türkmen halkynyň liriki obrazyny, ösüşler netijesinde etilen belentliklere guwanýan şahsyetiň ruhunyň täzelenişini synlamaga mümkinçilik tapýarys.

Diýmek, çeper edebiýatda şahsyet problemasynyň işlenmegi,edebi protsesiň häzirki derejesiniň oňa gatnaşygyny, aýratynlyklaryny, umuman, şol problemanyň tutuş edebiýatyň öňe gitmegindäki roluny işlemek şu pursatda zerurdyr. Ol döwür, taryh, ahlak we çeperçilik gözlegler, ruhy agtaryşlar bilen-de baglydyr.

Turkmen edebiýaty, taryhyň ölçegi bilen alnanda, şeýle adamyň, ýagny milli şahsyetiň obrazyny döretdi we döredip gelýär. Biziň türkmen edebiýaty çäginde işlemekçi bolýan problemamyz hem şuňa syrygýar.

## Şahyrana şahsyet we edebi hadysa

Realistik edebiýatyň esasy aýratynlyklarynyň biri onuň hemme janrlarynda taryhy-ynkylaby mazmunyň, sotsial duýgunyň agdyklyk etmegidir. Şeýle bolanda, bu edebiýatyň öňe süren obrazlary, yzarlaýan duýgulary we açýan häsietleri konkret jemgyetçilik şertlerinde, anyk taryhy dowurde kemala gelip biler.

Ýiriminji ýyllardan soňky türkmen edebiýatynyň, ylaýta-da onuň poeziýa janyrynyň baş aýratynlygy-da şol alamatlary özüne siňdirenligi bilen baglanyşyklydyr. Çünki realistik printsiplerden ugur alan edebiýatyň maksady belli taryhy sredada etişen we ýaşaýan gahrymanyň tipleşen obrazyny, tipleşen duýgusyny suratlandyrmakdan ybaratdyr. Döwrüň üýtgemegi, taryhyň konkret wakalar içinde özgermegi netijesinde taryhy mazmun bilen dolan türkmen edebiýatynyň lirika janyrynda dowrebap ideyalar, ozal endige owrulmedik cepercilik printsipleri orta atylyp ugraldy we şu başlangyç, taryhy ösüşimiziň gözi bilen seredenimizde, özünde belli-belli şahyrana belentlikleri emele getirdi. Beýle diýildigi tutuş edebi protsesiň öňe gitmegine hemme döredijilik güýçleriniň, onuň ähli wekilleriniň yhlasly gatnaşyklary bilen bir hatarda, aýry-ayry dowurlerde ol ya-da beýleki janryň ösüş kaddyna etmeginde, çeperiligiň, obrazlylygyň ösmeginde indiwidual adamlaryň hyzmatynyň-da aygytlayjy rol` oynandygyny ylmy taydan anyklamak gerek diýildigidir. Poeziýa babatda aýdylanda, ol çeper ideýanyň obrazly aňladylmasy bilen baglydyr. Aslynda, şahyryň şahsyetini ýokary göterýän düýp faktoryň özi onuň döredijiliginde işlenen jemgyetçilik mazmundyr, şonuň obrazly beyanydyr. Dunya edebiýatynda beýik talantlar, geniler, çeperçilik ösüşinde aýratyn etaplary kemala getiren kişiler döredijiligiň şol belentliginde hemişelik orun alypdylar. Meselem, rus poeziýasynda Puşkin, nemets poeziýasynda Geýne, özbek edebiýatynda Nowayy, türkmen edebiýatynda Magtymguly uly şahsyet derejesine göterilen şahyrlar bolupdyrlar. Munuň düýp syry hakynda filologiýa ylymlarynyň doktory R.Rejebowyň pikirini getirmek mümkin. Ol şeýle ýazýar:

«Şahyryň döredijiliginiň jemgyetçilik mazmuny näçe güýçli bolsa, onuň hususy şahsyeti şonça-da belentdir. Şuňa görä-de liriki «mene» ýalňyz sub`ektiw

hadysa hökmünde çemeleşmän, eýsem belli bir konkret taryhy döwürdäki jemgyet häsietiniň we adamlaryň ruhy halatynyň, duýgy-düşünjesiniň, isleg-arzuwlarynyň ýygyndysy, obrazy diýip düşünmek gerek… Bu näme üçin şeýle bolýar? Sebäbi jemgyetçilik hadysalaryň hiç biri ýalňyz adama, bir adamyň ykbalyna degişli bolmaýar»[1].

Türkmen lirikasynyň biziň günlerimizde eten belentliginden garan mahalyňda, ýokardaky sözleriň dogrulygy has aýdyň bolýar.Žemgyetçilik mazmun, jemgyetçilik ruh, ilki bilen, halk şahyrlary Durdy Gylyjyň, Ata Salyhyň, Ata Köpek Mergeniň, Nury Annagylyjyň eserlerinde duýlup başlady. Emma ol oňat başlangyç entek çeper ideýanyň doly özleşdirilendigini aňlatmaýardy. Has dogrusy- cepercilige, filosofik oýlanma pursat ýokdy, çünki jemgyetiň özi entek gurluş protsesini başdan geciryardi. Kone zamandan ustun cykan jemgyete haysy zat has zerurdy? Taryhy çaltlyk zerurdy. Şol döwrüň edebiýatyndan diňe şu çaltlygyň suratlandyrlyşyny gozlemek dogrudyr.

Biz türkmen lirikasynda çeper ideýanyň obrazly beýanyny, şahsyetde halk häsietiniň jemlenişiniň etaplaryny görüp geçmegi, olary, mümkingadar, ylmy esasda seljermegi maksat edindik. Elbetde, buh ili işde hemme döwürler we hemme awtorlar ob`ekt edilip alynmaýar. Oňa öz döredijilik gabarasy bilen taryhyň, jemgyetçiligiň, edebiýatyň öňünde hyzmat bitiren, lirikanyň ösüşinde özbaşdak etap emele getiren awtorlar alynyar. Mollamurt, Rehmet Seyidow, Gara Seýitliew şeýle şahyrlaryň hilinden bolup, olar lirikamyzyň aýdyň sahypalaryny döredipdiler.

Türkmen lirikasynda çeper ideýanyň obrazly beýanyny açmak üçin, ozaly bilen, ady tutulan şahyrlara ýüzlenmegimiziň öz sebäpleri bar.

**Birinjiden,** edebiyatymyzyň taryhynda 20-nji yyllar ayratyn bir etap hökmünde bellidir. Onuň orta çykan belli wekili-de Mollamurt bolupdy. Şahyr döwrüň öňe süren möhüm wakalaryna akylly-başly göz etirmek tarapyndan şol wagtlar has öňe saýlanypdyr.

---

[1] Reżebow R. Liriki mazmun we şygyr sungaty. Aşgabat,1968, 21-22 sah.

**Ikinjiden,** ellinji yyllaryň başlary tutuş edebiýatda janlanmanyň peýda bolup ugran döwri diýlip kesgitlenildi. Ol janlanmanyň aýratynlyklary we ony çykaran meşhur wekilleriň şahyrana hyzmaty-da heniz oncakly doly acylanok diyilse, ote geçildigi bolmasa gerek. Bu döwrüň aýdyň wekili Rehmet Seýidowdy. Onuň döredijiliginde peýda bolan çeperçilik agtaryşlary soňabaka türkmen poeziýasynda sistema owruldi we oz wekillerini doretdi.

**Ucunji sebap** ikinjiniň dowamy bolmak bilen birlikde, altmyşynjy ýyllarda özüni pugta görkezen şahyrana etapyň döremegi bilen baglanyşyklydyr. Edebi tankyt we edebiýaty öwreniş ylmy Gara Seýitliewiň poeziýasyny biziň lirikamyzyň bir etapy diyip kesgitledi.

**Dordunjiden,** başy belli derejede ýigriminji ýyllardan gaýdyp ugran cepercilik gozlegleri, täzeçil kontseptsiýalar, obrazly oýlanmalar ellinji ýyllaryň ahyrynda has aktiwleşdi we indiwidual awtorlaryň çygryndan çykyp, köpçülikleýin protsese öwrüldi. Edebi tankytda Gara Seýitliewiň galamdaşlary Kerim Gurbannepesowyň, Berdinazar Hudaýnazarowyň, Mämmet Seýidowyň, Ata Atajanowyň, Allaberdi Haýydowyň atlarynyň hatarlanyp tutulmagy ýa-da edebiýatymyza altmyşynjy ýyllarda gelen A.Agabaewiň, G.Ezizowyň, H.Kulyewiň, I.Nuryewiň, B.Žütdiewiň hem atlarynyň şu tertipde tirkeşdirilip agzalmagy tötänleýin yuze çykan hadysa däldir. Munuň düýp sebäbi, biziň pikirimizçe, ýokarda nygtaýşymyz ýaly, çeperçilik gözleginiň, obrazly oýlanmanyň köpçülikleýin ýagdaýa öwrülmegidir. Ýagdaýyň guwançly tarapyda şunda. Ol biziň poeziýamyzyň aktiwleşmegine alyp geldi, şahyrlarymyzyň jogapkärçiligini artdyrdy, zehin derejesine, onuň tebigylygyna üns bermegi öňe sürdi.

Ýöne şol guwançly faktoryň başga tarapy-da bar. Bu hili bolanda umumy şahyrana ösüşe öz hususy goşandyny goşmak, öz gaýtalanmasyz stilini tapmak şahyra kyn düşýär. Döwür bir uly aýlaw bolsa, poeziýa şol aýlawa goşulan bedewdir. Bedewiň aýlawda üstün çykmagy, birinji nobatda, onuň seýsine baglydyr. **Şol seýis şahyryň özüdir, bedew onuň poeziýasydyr.** Bedewiň ýaryşda üstün çykmagy seýsiň ussatlygyna, yhlasyna baglydyr. Şeýle usat seýisleriň, şeýle owadan, syratly,

ýyndam bedewleriň üýşen erinde ýaryşda eňiji bolup çykmagyň işi bar. Ekelikde alanyňda, olaryň hemmesem gözeldir, hemmesem ýyndamdyr. Köpçülikde welin…

Lirikada halk häsietiniň jemlenişi Mollamurtdan, Rehmet Seyidowdan, Gara Seýitliewden soňky **dordunji etapy** awtorlar köpçüliginiň tagallasyny özünde jemlemek bilen bir hatarda, oz ayry-ayry aktiw wekillerini-de öňe çykardy. Emma ol etap ösüşiň öňki üç etabyndan çylşyrymlydyr. Çünki bu etap dowam edyar, osyar.

Umuman ösüş dowam edýän mahalynda her bir awtoryň indiwidual goşandyny doly we gutarnykly kesgitlemek bolmaýşy ýaly, ösüşiň belli etabyny geçen poeziýanyň wekilleriniňem hemmesiniň halk häsietini işleýişleriniň deň däldigi düşnüklidir. W.G.Belinskiý «Geçen zat dowam edýän zatdan hemişe anykdyr we düşnüklidir»1 diýip ýazýar.

Biziň lirikamyzda kemala gelen we gürrüňi ediljek dört böküşiň hemmesi olaryň wekilleriniň döredijiligi, birinji nobatda, realistik edebiýatyň printsiplerinden gelip çykýar. Şol printsipleriň esasylaryndan biri edebiýatda taryhy mazmunyň, sotsial özgerişligiň görkezilip başlanmagydyr we şol suratlandyrylyşyň konkret obrazda, konkret sotsiallaşan duýguda jemlenmegidir. Eger şahyryň döreden obrazynda konkretlilik, onuň duýgusynda sotsial esas ýok bolsa, onda şeýle obraz döwrüniň ýüzi, jemgyetçilik ruhuny açmakda ejizdir. Şeýle obraz konkret bolman abstraktdyr we belli bir taryhy döwrüň çeperçilik önümi bolmakdan mahrumdyr. Emma başy halk şahyrlaryndan gaýdýan täze turkmen edebiyaty 20-nji yyllarda durmuş wakalaryny obrazly aňlatmaga, jemgyetçilik ruhuny açyp görkezmäge girişdi. Munuň esasy yzlaryny Mollamurtyň poeziýasynda görmek bolýar.

Mollamurtuň poeziýasynyň kesgitleýji tarapy- onda döwrüň öňe süren meseleleriniň real suratlandyrylmagydyr. Şeýle suratlandyryşy şahyry adat hakyndaky tsiklleýin goşgularynda has ýiti ulanýar «Köne adatdyr» şygyrlaryndaky bütewilik şeýle ýüze çykýar:

Bizi ýaşatmadyň millet sanynda,
Aýallaryň arman goýduň janynda.
Satdyrdyň gyzlary mal hasabynda,

Gul yuzi kul edip solduran adat[1].

Adat barasynda ýigriminji ýyllarda şundan takyk, şundan gazaply we şundan obrazly aýtmak hemme şahyra etdiren belentlik daldir.

Ýigriminji ýyllaryň lirikasy syýasy meselelerden ugur alýardy. Bu talaba dolulygynda düşünen Mollamaurt, onuň ýiti jemgyetçilik mazmunly poeziýasy lirikamyzyň taryhyna öz durnuklylygy, syýasy taýdan bişişenligi bilen aýratyn etap hokmünde gelip girdi. Onuň obrazy açyş ýoly köne zady inkär etmekden, progresi ykrar etmekden ybarat bolupdy. Otuzynjy ýyllaryň poeziýasynyň syýasy-jemgyetcilik pafosy has belentdi. Onuň aýdyň wekili ýokarda belleýşimiz ýaly Mollamurt bolupdy.

Ellinji yyllaryň poeziýasy şol liniýany dowam etdirip, öz hususyetlerini ýüze çykardy. Ilki bilen, ýazyjynyň, şahyryň jemgyetçilik we döredijilik aktiwligi artdy. Liriki gahrymanyň **hereketine** dalde, **ruhy dunyasine** agram salyp başlady. Şol başlangyç henize çenli ösüp geldi we barha köp üstünlikler gazandy. Şu günki poeziýamyzyň stili, tendentsiýasy, çeperçilik gözlegi barada ýygy-yygydan agzalmagy taryhy zerurlykdan gelip cykyar diyilse, dogry bolardy.

Häzirki zaman poeziýasynyň ene-de bir ayratynlygy, onda **liriki häsietiň** köpçülikleýin işlenilip ugralmagydyr. Ol alamat şu günleriň poeziýasyna mahsus. Rehmet Seýidowyň döwründe ol alamat ýalňyzdy we hemme awtorlara mahsus diýip almaklyk taryhy ösüşi galplaşdyrmak ýaly bir zatdyr.

Ellinji yyllarda epiki poemalar döretmek däbi güýçlüdi. Şuňa garamazdan, Rehmet Seýidowyň özünde ol däp «Lebap gyzy» poemasyndan soň belli derejede gowşapdy. Muňa derek onda liriki ýörelgeleriň biri döräpdi. Ine, şu ugur gitdigiçe ösdi we ençeme lirik şahyrlaryň formirlenmegine alyp geldi. Ol guymagursak adamlara başardýar.

«Ýapjagaz» şygry urşuň öňüsyrasynda ýazylypdyr. Ol sada hem adaty duýga ýagrulan şygyr. Emma gündelik faktlara esaslanylyp şygyr ýazmaklygyň ýörgünligi

[1] Mollamurt. Şygyrlar. Aşgabat, 1967, 56 sah.

döwründe şahyryň içki duýgusynyň şol şygyrda jemlenmegi üýtgeşik duýgurlykdan gelip cykypdyr:

Seň boýaňa geldim, suw heňin çaldy.
Seniň dury suwuň suratyn aldym.
Goý, ol galsyn saňa ýadygär bolup,
Soygulim gorjekdir kuyzeli gelip.
Ak, ýapjagaz, sen saz edip ber maňa!
Erte gelip ene düşerin saňa.[1]

Elbetde, ol duýgular döwrüň, taryhyň, jemgyetçilik mazmunyndan üzňe däl. Awtor yapjagazy peywagtyna akyp yatan bir zat hokmunde-de alyp bilerdi. Emma bu erde ýapjagaz pagta meýdanyna tarap akýar. Netijede şahyryň duýgusy taryhylyk häsietine ee bolýar. Gahrymanyň guwanjy, buýsanjy, ýapjagaza liriki ýüzlenmesi, gözel ýaryň keşbi- hemmesi taryhylyk mazmunyna ýagrulyp, şygra siňýär. Şygyrda hyyaly zat ýok. Şu pikiri has ösdürip, tutuş türkmen poeziýasynyň öňki etaplaryndan köp mysallaram getirmek bolardy. Gürrüň duýgunyň taryhylygy hakynda barýar. Rehmet Seýidow şol taryhylygy saklaýar:

Kimler gelip yurek syryn,
Saňa sözlemedi, baýyr!
Kimler gelip soygulisin,
Senden gozlemedi, bayyr![2]

«Baýyr» atly goşgynyň her bir bendi duýga, şol sanda taryhylyga ýagrulypdyr. Şeýlelikde, Rehmet Seýidowyň lirikasynda onuň türkmen poeziýasynda etaplaýyn häsietine geçmegi üçin möhüm faktor ýüze çykdy. Şol faktor şahyryň duygusyndaky butewilik we taryhylykdyr. Galyberse-de şol alamatlaryň onda sistema öwrülmegidir we ösüşiň soňky etaplarynda şol düýpli faktorlaryň, bütewiligiň hem taryhylygyň protsese geçmegidir.

[1] Seýidow R. Awçy, atma żereni. Aşgabat, 1962 ýyl, 11 sah.
[2] Seýidow R. Awçy atma żereni. 63 sah.

Eger Mollamurtuň, Rehmet Seýidowyň döredijiliginde türkmen poeziýasy ceper ideyalary obrazly suratlandyrmaklyga, gahrymanyň duýgularyny dürli ýollar bilen açmaklyga ymykly girişen bolsa, Gara Seýitliewiň lirikasynda ol asylly ýörelge hertaraplaýyn dowam etdirildi. Ellinji ýyllaryň ahyrlarynda biziň poeziýamyzda problemalayyn zatlar kopeldi. Turkmen lirikasy adam we dunya yaly uly filosofiki kontseptsiýa ýakynlaşdy we şony çeperçilikli özleşdirip başlady.

Bu kontseptsiýa birbada ýüze çykmady we aslynda, diňe bir şahyryň hyzmaty-da daldi.

Gara Seýitliewiň «Adam we dünýä» ady bilen çykarylan bir tomlugy onuň ähli lirikasynyň iň oňat nusgalaryny özünde jemleýär. Şahyryň bütin döredijiliginde iň hyjuwly, iň belent duýgulary sözleri köp ulanypdyr:

Yureklermizde bahar,
Gowunlerimiz ganatly.
Gadam uryarys, batly,
Dünýäde iň bagytly.[1]

Şahyryň liriki gahrymany zähmetden bagt tapandygyna guwanýar. Ol indii öz duýgusynyň aňyrsynda zähmetiň ýatandygyny guwançly tassyklaýar. Şeýle tassyklama biziň poeziýamyzda ellinji ýyllaryň ahyrynda örboýana galypdy. Ol bolsa lirikamyzyň häzirki zaman ruhuny açydy.

Poeziýa döwrüň özgerişlerini tiz duýýan, tiz özüne siňdirýän janr. Şonuň üçin Gara Seýitliewiň poeziýasynda sistema öwrülen Adam we dunya kontseptsiyasy-da şol sanalan etaplaryň, tematikalaryň jeminden döredi diýilse dogry bolardy. Bu kontseptsiýa biziň biçak çalt ösýän jemgyetimiziň, döwrümiziň öňe süren zadydyr.

Şeýlelikde, adam we onuň jemgyetçilik borjy kontseptsiýasy, döwrüň ritmini duýguda yzarlamak tendentsiýasy biziň poeziýamyzyň baş alamaty bolup galmagyny dowam etdirýär. Şol alamat hem Gara Seýitliewiň ady agzalan bir tomlugynyň «Adam we dünýä» dien ilkinji şygyrlar toplumynda şahyrana beýanyny tapypdyr.

[1]Seýitliew G. Bir tomluk. Aşgabat, 1970, 219 sah.

Bu goşgularyň iki aýratynlygy hakynda aýtman, olara doly analiz bermek mumkin dal.

**Birinjiden,** goşgularda şahyryň watançylyk duýgulary jemlenip, onuň liriki gahrymanynda jemgyete dahyllylyk has guyclenyar. Liriki gahryman topragy-da, hormaty-da, soygini-de, bagty-da, namysy-da, ynsanyetçiligiň hemme taraplaryny öz duýgulary bilen ölçeýär, oňa baza berýär.

**Ikinjiden,** ol goşgularda ýiti synçylyk, dünýäni duýaş aýratynlygy şahyryň gahrymanyny ayyl-saýyl edýän baş alamatlar bolup durýar.

Şu aýratynlyk bary-ýogy iki bent şygyrda has aýdyň görünýär:

Seni lälik saklady, eneň boýna mündürip,
Seni lälik saklady, ataň boýna mündürip,
Oglanlykdan ak suyt berip ulaldyp,
Seni lalik saklady, Watan boyna mundurip,
Düş sen eneň boýnundan, eneň dynjyny alsyn!
Düş sen ataň boýnundan, ataň dynjyny alsyn!
Lälikligiň çaky bar, sakgalyňdan utan sen,
Düş, Watanyň boýnundan, Watan dynjyny alsyn![1]

Gara Seýitliewiň poeziýasy türkmen lirikasynyň altmyşynjy-etmişinji ýyllarda täze çeperçilik belentlige göterilmeginde aýgytlaýjy rol` oýnady. Biz şol ösüşi Kerim Gurbannepesowyň, Mämmet Seýidowyň, Berdinazar Hudaýnazarowyň, Ata Atajanowyň, Allaberdi Haýydowyň poeziýasynda görýäris.

Görülip geçilen şahyrana belentlikler biziň poeziýamyzyň çeperçilik agtaryşlarynyň, obrazly oýlanmakdaky gazanan üstünlikleriniň aýry-ayry etaplarydyr. Olar poeziýanyň, edebi protsesiň, umuman, edebiýatyň aýrylmaz bölegi bolmakdan başga-da, gos-göni çeperçilik we obrazlylyk babatdaky goşantlary bilen belentdirler.

Döwrüň ritm iwe talantyň tebigylygy, şahsyet we jemgyet kontseptsiýasynyň duýguda bütewi, çee işlenmegi lirikanyň ösüşini düýpli

[1] Seyitliew G. Bir tomluk. 22 sah.

kesgitleýän, onuň şu günki ýüzüni görkezýän taraplardyr. Ol hemişe şeýle-de bolupdy.

Altmyşynjy ýyllaryň ahyrlarynda poeziýamyza ene-de bir dortluk gelip goşuldy. Bular G. Ezizow, A. Agabaew, H. Kulyew, we I. Nuryew yaly zehinli ýaşlardy. Ýöne kän wagt geçmänkä, olaram bäş boldular. Etmişinji ýyllarda poeziýa gelen B. Žütdiewiň ady okyjylara bellidir. Diýmek, bu fakt hem şahyrana ösüşiň köpçülükleýin häsietiniň dowam edýändigini tassyklaýar. Biz olaryň doredijiligine tutuş baha bermekden saklanýarys. Olar poeziýamyzyň iň gowy ýörelgelerini özlerine kabul etdiler we özbaşdak ösüş ýoluna düşdüler. Şol ösüş belli bir etapa eten mahalynda, lirikada çeper ideýanyň obrazly beýany ýaly möhüm meseläni olaryňam döredijiliginde derňemek mümkin. Ýöne bularda özbaşdak stiller juda ir peýda boldy. Ol hem ösüşiň mizemez kanuny. Bu hakda edebiýatçy R.Rejebow şeýle ýazýar:

Diýmek, bir tarapdan, haýsy bir şahyryň şahsyeti we «menlik» güýji beýik bolsa, jemgyet keypini tutuşlygyna öz içine almaga şol ukyply bolýan bolsa, ikinji tarapdan, haýsy şahyr döredijilige, jemgyetçilik mazmuna baý bolsa,şonuň «menlik» häsieti güýçli we indiwidual keşbi üzül-kesildir»[1]

Biz Mollamurtda, Rehmet Seyidowda, Gara Seyitliewde biri-birine meňzemez şahyrana şahsyeti görän wagtymyzda-da, obrazly oýlanmanyň köpçülikleýin ösýän mahalynda-da şol ob`ektiw ylmy printsipden ugur alýarys.

Her bir poeziýanyň belentligi onuň geçen ýoluna, göteren ýüküne, göterýän ýüküne we barýan ýoluna, şolaryň ylmy esasda, yhlaslylyk, eserdeňlik bilen açylyşyna baglydyr. Galyberse-de, onuň ösüşine-de baglydyr.

Biz yokarda gorup gecen etaplarymyzy ekeje sahypada jemlemegi makul gorduk.

**Birinjiden,** saylap alan ob`ektlerimiz Mollamurt, Rehmet Seyidow, Gara Seýitliew we döwrüň ritmini, şahsyet we jemgyet kontseptsiýasyny yzarlamaga mümkinçilik beren häzirki zaman poeziýasy biziň şahyrana ösüşimiziň «eten», başyndan geçirip ýören «menzilleridir».

---

[1] Reżebow R. Liriki mazmun we şygyr sungaty. 22-23 sah.

**Ikinjiden,** eger ceper ideýanyň obrazly beýany ösüşiň irki etapynda adam taryhy mazmun bilen, syýasy düşünje we sotsial duýgy bilen baýlaşdyran bolsa, şol hakykaty çagyryşdyr göreş duýgusynyň açylyşy bilen synlan bolsak, soňabaka şol duýgynyň obraza siňişini gördük.

**Ucunjiden,** Adam we dünýä kontseptsiýasynyň formirlenip, adamyň şahsyete göterilişini, şol şahsyetiň jemgyetçilik gatnaşygyndan grajdanlyk pafosynyň ýüze çykyşy Gara Seýitliewiň döredijiliginde synag etdik. Edil şu protsesiň dowam edýänligini we onuň lirikamyzyň baş aýratynlygyna öwrülendigini aýtdyk.

**Dordunjiden,** şahsyet we jemgyet kontseptsiýasynyň gözellik hem ynsap kontseptsiýalary bilen baýlaşyşy şeýlelikde, şahyrana duýaşyň has gizlinleşmek, nepisleşmek, çyşyrymlaşmak protsesini başdan geçirip ýörendigini, şu tendentsiýanyň Ýaş poeziýamyza etiren polojitel täsirini belledik.

## Lirikada şahsyet meselesi.

Rus edebiýatynyň görnükli tankytçysy W.G.Belinskiý «Aleksandr Puşkiniň eserleri» atly onbir makalasynyň iň esasy-bäşinji böleginde lirikada şahsyetiň nahili yzarlanmalydygyna aýdyň ýol açýar. W.G.Belinskiniň bu teoriýasynyň kemter erlerini dolduryp, alymlar ony has çuňlaşdyrdylar, baýlaşdyrdylar we häzirki zaman hakykatlaryna laýyklykda anyklaşdyrdylar. Şeýle işleriň biri-de R.Rejebowyň «Liriki mazmun we şygyr sungaty» atly işidir. Ol lirikada «Menlik» kategoriýasyna garşy çykýanlara berk jogap berýär we şahyryň şahsyetiniň işlenmeginiň zerurlygyny, ony ene-de nämelerden gözlemelidigini anyklap, şeýle ýazýar:

«Žemgyetde ýaşaýan her bir diri adamyň jemgyetçilik tarapy bardyr. Her bir adam öz döwrüniň, öz jemgyetiniň häsietlerini we taraplaryny göterijidir. Ýöne döwür we jemgyetiň häsietleri we aýratynlyklary käbir adamda az, käbir adamda bolsa köpdür. Kim öz döwrüniň, öz ýaşaýan jemgyetiniň taraplaryny kop goteryan bolsa, şonuň hem şol döwri, şol jemgyeti aňladyjylyk mazmuny öz zamanasynyň we jemgyetiniň häsietlerini we taraplaryny göterip biliş derejesine görä baýlyk

ähimietine eedir. Şahyryň şahsyetiniň mazmuny we onuň şahsyet derejesi şu umumy kanundan üzňe bolup bilmez»[1].

Bu erde alym dogry kesgitleme beryar we hutma-hut nähili şahyrda şahsyet derejesiniň beýik bolmalydygyny nygtaýar. Ol pikirini dowam etdirip, şeýle belent şahyryň «sesi öz zamanasynyň ýaňy we jemgyetiň hem döwrüň häsietleriniň, hajatlarynyň, meseleleriniň, talaplarynyň jemi bolmalydyr»[2]. diyyar.

Ine, Puşkin diýlende, Magtymguly diýlende ýa-da Mollamurt, Murze Tursun-zade, Rasul Gamzatow, Gara Seýitliew, Kerim Gurbannepesow diýlende şol «jemlik» häsieti göz öňüne gelýär.Ýöne hemme şahyrda şol alamatyň bolmaýandygy ýa-da azlygy-da ýokarky işde, umuman, poeziýanyň teoriýasynda anyk bellenýär.

Diýmek, poeziýanyň ösüşini döwürleýin göz öňüe getirenimizde, öz zamanasynyň aýratynlyklarynyň, klassyky edebiýaty nazarda tutanymyzda, beyleki awtorlara garanda Magtymgulyda köp jemlelendigini duýýarys. Iki asyryň dowamynda, yagny  HVIII-HIH asyryň geçişinde ol durgunly halda bolup geldi. Halypanyň şägirtleri tarapyndan her bir konkret meseläniň özbaşdak ösdürilendigine, baýlaşdyrylandygyna garamazdan umumy şahsyet kontseptsiýasy Magtymgulyda köptaraplaýyn we bol jemlenme tapdy. Dogry, tutuş klassyky edebiýatda şahsyet problemasy ýörite işlenmeli meseledir. Onda bu mesele has giň we köp  zatlary, köp awtorlary oz icine alardy hem ýaýrap giderdi. Ol özbaşdak problemalygynda galýar. Bu bolumde bolsa mesele ayry-aýry uly şahyrlaryň döredijiligindäki şahsyet kontseptsiýasyny yzarlamaklyga bagyşlandy.

Edil şonuň ýaly-da umumy türkmen poeziýasynda şahsyet problemasy-da ayratynlykda işlenilmegi talap edýän düýpli problemadyr. Emma başda bellenilişi ýaly, bu döwrüň hem aýry-aýry wagtynda  şahsyetiň açylmagyna köp material berýän şahyrlaryň döredijiligine esaslanmak bilen çäklenmeli bolýarys. Babyň dowamynda Mollamurtuň, Gara Seýitliewiň, gerek erinde beýleki doganlyk döwletleriniň poeziýasynda yz galdyran beýikleriň döredijiligine esaslanmaly bolandygymyz hem

---

[1] Reżebow R. Liriki mazmun we şygyr sungaty.21 sah.
[2] Şol erde.

şonuň üçindir. Çünki ol awtorlarda döwrüň ruhy, galyberse-de, edebiýatyň ösüşine yardam edyan dinamika kop jemlendi we bu hadysa entek eterlik derejede oz derňewinden daşda galdy.

Bulardan başga-da çeper eserde öňe sürülýän şahsyet kontseptsiýasy öňde-soňda sotsial hala baglydyr; durmuş bilen, taryhy hakykat bilen näçe köp gatnaşykda durýan bolsa, ine, şoňa has dahyllydyr we guycli yuze cykandyr. Ol dagynyk, bolekleyin dal-de, logiki dowamlylykda bir yupe duzulen yaly, zynjyr yaly biri-birine bagly suratda yuze cykmalydyr. Esasynda jemgyetcilik adamy yatan eserde bu hakykaty synlamak mumkin.

Magtymgulynyň döredijiligi tutuşlaýyn alnanda aglaba köplügi jemgyetçilik adamsynyň ykbalyna, ony gyzyklandyrýan meselelere, onuň ruhy hallaryna, duýgularyna bagyşlanan döredijilikdir. Ondaky şahsyet kontseptsiýasyny esasan:

1. Temalaryň icinden baş temanyň orta atylyşyndan,
2. Onuň hilinden, mohumliginden,
3. Hut şoňa yorite bagyşlanan eserlerden, olaryň strukturasyndan,
4. Olarda hereket edyan gahrymanyň nahili faktlara, detallara, elementlere salgylanyandygyndan,
5. Şulary jemlemage ukyply sotsial, ruhy birliklerden gozlemek dogrudyr.

Şahyryň tematiki geriminiň çäksizligine badabat unsi cekmekci bolyarys. Bu hakykat indii kop wagtdan bari jemgyetcilik aňynyň 1hli formalaryny owrenyan alymlaryň: edebiyatcylaryň, ykdysatcylaryň, taryhcylaryň, filosoflaryň, etnograflaryň işlerinde adalatly gorkezildi we subut edildi. Olaryň uzyndan-uzyn spisogyny getirse-de bolardy, yone gep onda dal. Esasy zat ony A.N.Samaylowic, E.E.Bertel`s, B.A.Garryew, G.O.Caryew yaly uly alymlaryň öwran-owran nygtamaklarydyr. Emma şol tema koplugi gelip-gelip, umumy adamzat problemasyna, onuň ruhy azatlygy, akyl mumkinciligi, yart parahatcylygy, gumanizmiň dabaralanmasy yaly zadyň daşyna jemlenyar. Muny konkret halkyň- oz dagynyk halkynyň bir dowlete birikmeginden agtaran Magtymguly ynsany oylandyryan durli predmetlere, meselelere yuzlenip, jemleme cykarman durup biljek daldi.

Biz Magtymgulyda «yamana goşulmazlyk», «yagşyny gorup, şükur etmeklik» yaly undewleriň bardygyny bilyaris. Umuman, yamany-yagşa garşy goymak tendentsiyasy barha osup, «ajap eyyam» hakyndaky arzuwlary oyarypdyr. Edil şonuň ýaly-da namartlara, biwepalara bolan gahar-gazap, mertlik, wepalylyk, dostluk hakdaky, **Uly adamkarcilik** hakdaky pikirlere getiripdir. Şeylelikde, dowletiň başynda akylly-başly yolbaşçylyk bolmagy dogrusyndaky beyik birleşik programmasy doreyar. Ony şahyr kamillik hetdine etenden soň aydyar:

Yigitlik paslyny gyşa etirdim,
Kamillik keştisin derya batyrdym.
Beyik pikre galdym, ozum yitirdim,
Tirik erken, oli bolup galyp men.[1]

Eger ýiti üns berilse, şahyrda «ýigitlik paslyndan» gecmek, «kamillik» dogrusyndaky pikir aşa köp gaýtalnaýar. Çünki düýp ideýa şolarda. Magtymguly öz eserlerinde türkmen adamynyň, türkmen taýpalarynyň ykbalyny ýörite problema edip goýdy. Şol problemany ol umumyadamzat ykbaly bilen baglady, şonuň ruhy gozleglerine syrykdyrdy. Magtymgula cenli bu mesele problemalayyn orta atylmandy we çözülmändi. Onuň gahrymany öz derdi, öz agyrysy üçin aglamaýar.Başga bir ynsanyň hereketine, il-günüň hesretine ýanýar. Bu tragizm ulalyp, çykalga agtarmaklyga syrygýar. Çykalga nirede? Çykalga agzybirlikde, birleşmekde, gumanizmde. Şahyr şu çykalganyň ähimietini hem nygtaýar. Ol ile bagt getirjek, erkinlik-dynçlyk berjek, daşky duşmandan gorajak. Munuň üçin nämä daýanmaly? Payhasa dayanmaly, ruhy gozleglere zor salmaly, adamyň ynsap, wyjdan damaryny yzarlamaly, hali-şindi daşky duşmanyň çozup durşuny has duýarlykly suratlandyrmaly, mahlasy, her bir zada salgylanyp, ynsan kalbynyň Haýra tarap hereket etmegini gazanmaly. Dine, dini rowayatlara, taryhy senelere salgylanmaly we bularyň baryny bir maksada- ýokary gatlagyň aşaky gatlaga rehimli bolmagyna hyzmat etdirmeli.

[1] Magtymguly. Aşgabat.1977 ýyl, 33 sah.

## Netije.

Ýokarda aýdyp geçen pikirlerimizi jemläp şeýle netije çykarýarys.

Dogrudan-da, türkmen edebiýatynyň taryhynda özüniň çeperçilik guyjuni hemişe saklaýan eserler az däl. Mollamurtuň, G.Seýitliewiň, R.Seýidowyň, K.Gurbannepesowyň, G.Ezizowyň we başgalaryň eserleri şoňa girýär. Biziň edebiýatymyzyň mundan buýanky ösüşine aýgytly täsir eden we täsirini etirip gelýän şeýle eserler poeziýanyň eten derejesinden habar berýärler. Çeper ideýany guraksy dal-de, obrazly bermekde klassyky edebiýatyň naýbaşy eserlerinden Magtymgulynyň poeziýasyna ýüzlenmegimiz hem ýöne erden däldir.magtymgulynyň eserleri geçen asyrlarda-da, hazirki dowurde-de nusgalyk roluny oýnap gelýär. Onuň güýçli şahyrana pikirleri döwri bilen, halkyň ruhy bilen baglanyşykly çykdy. Eserleriniň dili we öňe sürýän ideýalary jähtden  Magtymguly heniz bu günlere çenli öz gymmatyny ýitirmeýän poeziýany döretdi. Soň bolsa türkmen poeziýasy, onuň Mollamurt, R.Seyidow, G.Seyitliew, K.Gurbannepesow, G.Ezizow, H.Kulyew, I.Nuryew yaly wekilleri poeziýada döwrüň ritmini bermekde, çeper mazmunyň ösmeginde, duýgyny konkretleşdirmekde köp öňe gidişlikler etdiler. Bu hakda professor R.Rejebow şeýle ýazýar:  «Žemgyetde ýaşaýan her bir diri adamyň jemgyetçilik tarapy bardyr. Her bir adam öz döwrüniň, öz jemgyetiniň häsietlerini we taraplaryny göterijidir. Ýöne döwür we jemgyetiň häsietleri we aýratynlyklary käbir adamda az, käbir adamda bolsa kopdür. Kim öz döwrüniň, öz ýaşaýan jemgyetiniň taraplaryny köp göterýän bolsa, şonuň hem şol döwri, şol jemgyeti aňladyjylyk mazmuny öz zamanasynyň we jemgyetiniň häsietlerini we taraplaryny göterip biliş derejesine görä baýlyk ähimietine eedir. Şahyryň şahsyetiniň mazmuny we onuň şahsyet derejesi şu umumy kanundan üzňe bolup bilmez».

Bu erde alym dogry kesgitleme beryar we hutma-hut nähili şahyrda şahsyet derejesiniň beýik bolmalydygyny nygtaýar. Ol pikirini dowam etdirip, şeýle belent şahyryň «sesi öz zamanasynyň ýaňy we jemgyetiň hem döwrüň häsietleriniň, hajatlarynyň, meseleleriniň, talaplarynyň jemi bolmalydyr». diýýär.

Eýsem, ösüşiň dürli basgançaklaryny geçen türkmen edebiýatynyň tejribesi şahsyetiň çeper obrazynyň döredilişinde nämeleri görkezýär? Şahsyetiň taryhy-filosofik nukdaýnazardan düşündirilişini hasaba almak bilen birlikde, onuň çeperçilikli çözgüdindäki özboluşlylygyny açmakda edebiýatyň roluny anyklaşdyrmak iňňän zerur. Şu jähtden türkmen edebiýaty şahsyet problemasynyň mohumligine nähili düşündi we obrazlar sistemasynda oňa nähili orun berdi?

Bu sowallary cozmek ucin halkyň taryhyna we durmuşyna yuzlenmek gerek. Turkmen halkynyň durgunlyk yyllaryndan öňki taryhyna ser salsak, jemgyetcilik aňynyň ösüşine yiti tasir eden wakalaryň öran kan bolandygyna akyl etireris. Meselem, beyik Pyragynyň özi we onuň parasatly poeziyasy jemgyetcilik aňyna tasir eden bolsa, Seydiniň, Keminaniň, Zeliliniň doredijiligi turkmen halkynyň azatlyk, erkinlik ugrundaky arzuwlaryny ozboluşly suratlandyrdy.

Elbetde, her bir zadyň, her bir hadysanyň öz taryhy koki bolyar. Turkmen halkynyň taryhynda şeyle pursatlar bolmadyk bolsa, onda klassyklar beyle **yagynly poeziyany**, beyle **lowlayan liriki gahrymany** doredip bilmezdiler.

Obrazyň çepercilik taydan yokary hilli hem ynandyryjy cykmagy ucin birinji nobatda yazyjynyň şol obrazyň hereket edyan sredasyny, dowruni ymykly owrenmegi, jemgyetcilik konfliktini dogry kesgitlemegi we ony durs cozmegi zerur. Şunda yazyjy oz eserinde hereket edyan ahli obrazlary deň planda işlemegi goz öňünde tutman, tutuş eserde diyiljek bolyan pikiri, ideyany ozunde jemleyan, umumylaşdyryan haysydyr bir obraza ayratyn uns beryar.Yone welin şol obraz beyleki indiwidler bilen ayrylmaz baglanyşykly hereket etmelidir.

## Peydalanylan edebiyatlaryň sanawy.


1.Zumaew K. Turkmen poeziyasynda dap we tazecillik. Aşg. 1970.

2. Garryew S. Magtymguly we edebiyatdaky realistik ugur. Aşg. 1976.

3.Rejebow R. XVIII-XIX asyrlar turkmen edebiyatynyň doredijilik stili. Aşgabat. 1975.

4.Magtymguly-Pyragy. Saylanan eserler. Aşgabat 1995.

5.Rejebow R. Liriki mazmun we şygyr sungaty. Aşgabat 1968.

6. Mollamurt. Şygyrlar. Aşgabat.1967.

7.Seyidow R. Awcy, atma jereni!. Aşgabat. 1978.

8.Seýitliew G. Bir tomluk. Aşgabat. 1970.

9.Nuraliew D. Şahsyet we edebi protsess. Aşgabat. 1982.

10.Gurbannepesow K. Ömür. Aşgabat. 1975.

11.Garaew A. Türkmen poeziýasynyň ösüş etaplary. Aşgabat.1977.

12..Rejebow R. Edebiýat ylmyna degişli terminleriň sözlügi. Aşgabat.1988.

13. Türkmen poeziýasynyň antalogiýasy. Aşgabat. 1975.

14.Gurbannepesow K. Kyrk. Aşgabat.1967.

15. Ezizow G. Ynam. Aşgabat. 1971.

16. Ezizow G. Eriň-Gögüň arasynda. Aşgabat. 1973.